# Gezek ýetirse

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gezek ýetirse GEZEK ÝETIRSE



Suwjarma eý ogul dek gez bozulma,
Şeýle-de bozjak kän gezek ýetirse.
Müzzerme eý ogul dikger üzülme,
Şeýle-de üzjek kän gezek ýetirse.
Seriňi belent tut, päliň pesden ýört,
Ýagşy niýet bile halal nygmat ört,
Nadan namart kişä jomart goluň art,
Şeýle-de ýykjak kän gezek ýetirse.

Bu ömür çarkandyk ýollar geçer sen,
Beýige ýeten çagyň dostlar hoşlar geň,
Kyn günüňde hoş dostlaryň daşlar çen,
Şeýle-de depjek kän gezek ýetirse.

Eý durmuş adyl bol merde mert deýin,
Namardy hekgertme ot bilen çoýun,
Her kese özi bol etdirme oýun,
Şeýle-de ütjek kän gezek ýetirse.

Halmyrat bu ýoldan ötüpdiň ençe,
Kysmatym synagyň hanjaryn sünje,
Köňlümi ynjytdyň dözüp sen munça,
Şeýle-de dözjek kän gezek ýetirse.

04.02.2024 ýyl. Goşgular